# Ekranlarda görülmedik owgan zenanlarynyñ kyssasy

Category: Kitapcy,Medisina,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ekranlarda görülmedik owgan zenanlarynyñ kyssasy EKRANLARDA GÖRÜLMEDIK OWGAN ZENANLARYNYÑ KYSSASY




Owganystanda robot ylmy boýunça ýygylaşan we diñe heniz on sekiz ýaşa ýetmedik gyz okuwçylardan düzülen "Afghan Dreamers" toparynyñ agzalary "Taliban" ekstremist-terrorçylykly guramasynyñ ýurdy basyp almagyndan soñ dogduk depelerini terk edip daşary ýurtlara gaçmaga mejbur boldy. Halkara bäsleşiklerde birinji orna mynasyp bolan bu günäsizje gyzjagazlar geçen aý häzirki bolup geçýän haý-haýly wakalaryñ boljagyndan bihabar il-gününe etjek hyzmatlary, ýurduñ ösüşine goşjak goşantlary barada ýürekde besleýän arzuw-hyýallaryny beýan edipdiler.
Hawa, Owganystanda robot ylmy bilen meşgullanýan, agzalarynyñ barsy on sekiz ýaşamadyk ýaş gyzjagazlardan ybarat "Afghan Dreamers" atly topar bar. "Forbes" žurnalynyñ "Otuz ýaşdan aşakky ylhamly ýaşlar" sanawyna goşulan bu toparyñ agzalary okuwlaryny tamamlandan soñ Owganystana uly höwes we çäksiz yhlas bilen hyzmat etmegi arzuwlaýardylar. Gynansak-da, Talibanyñ ýurdy basyp alyp, aýal-gyzlara bilim almagy we işlemegi gadagan etmegi bilen bu asylly işiñ köküne palta uruldy.
Toparyñ agzalary Elham, Diana, Somaýa, Aýda dagy Talibanyñ ýurdy ele geçirjeginden bihabar geçen iýul aýynda žurnallaryñ birine interwýu beripdiler. Taryhyñ ajy sapaklarynyñ ikilenç gaýtalanmajagyna ynanan bu dört ýaş gyz bir ýandan gelejekdäki

etsem-petsemlerini aýtsa, bir ýandan Owganystana etjek hyzmatlaryndan söz açdy.
Taliban okkupasiýasyndan soň toparyň agzalarynyň barsy dürli ýurtlara gaçmaga mejbur boldy, ýöne olaryň yzynda galan düýşe meňzeş ýakymly ýatlamalary Owganystanyň aslynda nähili ýerdigini görkezmäge ýeterlik boldy.
2017-nji ýylda Owganystanyň tehnologiýa ugrundaky ilkinji ýerine ýetiriji baş direktory Roýa Mashub "Afhgan Dreamers" ady bilen aýal-gyzlaryň ylmy toparyny gurdy. Tutuşlygyna robot tehnologiýasy bilen meşgullanmaga niýetlenen bu topar abraýly halkara ýaryşlarynyň birinde birinji orny eýeledi. Gyzlar munuň bilenem çäklenmedi, COVID-19 pandemiýasynyň ýaýran döwründe "Toyota" kysymly köne awtoulagyň böleklerinden dem alyş enjamyny ýasadylar.
Owgan hökümeti "Afghan Dreamers"-iň üstünliklerine perwaýsyz garamady we Kabulda ýurduň çar künjeginde ýaşaýan ýaşlaryň bilim almagyna mümkinçilik berjek Dreamer institutynyň açylmagyna hemaýat etdi. Bu gyzlaryň arasynda gelejekde kosmonawt bolup Marsa uçmagy arzuwlap ýörenem bardy, spesialist bolup öz hususy kärhanasyny açjak bolup ýörenem…
"Afghan Dreamers" toparynyň agzalary talibanlaryň hökümeti basyp almagyndan soň ýurtdan gaçyp gitmäge, böleklenmäge mejbur boldy. Gyzlaryň bütin bu howatyrlandyryjy wakalar bolup geçmezden bir-iki hepde öň beren interwýusy talibanlar zerarly ýurtda birgiden negözel jöwher zehinleriň sönüp-solup gidýändigini ýene bir gezek görkezdi.
Ine, şol "Afghan Dreamers" toparynyň taliban okkupasiýasyndan öň beren interwýusy:

- **Elham, 17 ýaşynda**

Owgan zenanlary islendik ugurda-da üstünlik gazanyp bilmäge ukyply zenanlar. Men ulalamda inžener bolasym gelýär. Ejem uruş zerarly okuwyny dowam etdirip bilmedi, şonuň üçin ol diňe liseýi okap bildi. Daýzalarymyň üçüsi öý hojalykçy, biri diş lukmany, ikisi mugallym, ikisi-de gullukçy. 2018-nji ýylda Hyrat şäheriniň mekdeplerinde geçirilen ekzamende robot tehnologiýasy boýunça topara girmek üçin ýeterlik utuk gazandym. Ene-atam meni goldasa-da, maşgalamyň beýleki agzalary aýal-gyzlaryň robot ugrundan işlemeginiň dogry däldigini, munuň diňe erkeklere mahsus işdigini öňe sürdi.

Gelejekde azat we gülläp ösen Owganystanda ýaşamagy arzuw edýärin. Meni toparym bilen bile iñ buýsandyrýan zadam, hemmämiziñ entek on sekiz ýaşamadygam bolsak – halkara ýaryşlara we konferensiýalara gatnaşmagymyz boldy. Başga ýurda gidenimde adamlaryñ saýlap aljak bilimine ýa-da hünärine garamazdan okamaga we işlemäge bolan erkin hukuklarynyñ bolmagy meniñ iñ köp ünsümi çeken zatlaryñ biri boldy.
STEM bilimime dowam etmek üçin dünýäniñ iñ gowy uniwersitetleriniñ birinde okamak isleýärin. Elbetde, her kişi doglan-ulalan ýerini söýýär, ýöne birden howpsuzlyk gorkusy sebäpli mejbur bolaýan ýagdaýymda daşary ýurtlaryñ birine gitmeli bolaryn. Herhal iñ gowy uniwersitetde okap eziz Owganystanymyza janymyzy aýaman hyzmat etmek arzuwymdan welin el çekmek islämok.

- **Diana, 16 ýaşynda:**

Ulalamsoñ inžener-tehnolog bolasym gelýär. Häzir Owganystanda bu ugur boýunça işleýän aýal-gyz ýok diýen ýaly we men bu ýola gadam basan ilkinji zenanlaryñ biri bolmak isleýärin. Şu ýylyñ başynda "Forbes" žurnaly toparymyzy "Otuz ýaşdan aşakky ylhamly ýaşlar" sanawyna goşupdy. Bu bolsa meñ üçinem, maşgalam üçinem uly buýsançly wakalaryñ biri boldy.
Häzir Owganystanda yza gaýdyşlyk-uly çöküşlik bar. Parahatçylygy üpjün etmek babatda hiç kimiñ ylalaşyga ýanaşasy gelenok. Zol-zol agyr jenaýatlaryñ we ganly teraktlaryñ bolýandygy barada habarlar eşdilýär. Meñ pikirimçe, Owganystanyñ asuda durmuşa gowşup bilmeýändiginiñem esasy sebäbi şunda. Toparymyz bilen daşary ýurtlara gidenimizde, şol ýurtlarda ýaşaýan gyzlaryñ dürli-dürli birnäçe ugurlarda işleýändigini gördük. Olar añ-düşünje taýdanam, psihologik taýdanam biziñkiden has gowy şertlerde ýaşaýarlar. Owganystanyñ şertleriniñem şeýle bolmagyny we aýal-gyzlarymyzyñ ählisiniñ añ-düşünje hem-de psihologik taýdan özlerini kem-köstsüz duýmaklaryny arzuw edýärin.
Owganystan meniñ ýurdum. Tä ölýänçä hem şu taýda galmak isleýärin. Irginsiz okaýaryn, işleýärin. Sebäbi gelejekde

täzelenen azat Owganystany gurmak isleýärin. Ýakyn geljekde amerikan uniwersitetleriniň birine okuwa girmäge hyýallanýaryn. Gelejekde Owganystana hyzmat etmek üçin bilimimiň iň ýokary derejede bolmagyny isleýärin.

- **Somaýa, 18 ýaşynda**

Kakam maşyn ussasy bolansoň, çagalygymdan bäri demir enjamlar bilen gyzyklanýaryn. Soňabaka robot tehnologiýasy boýunça toparyň işi bilen gyzyklanyp başladym, 150 dalaşgär bilen birlikde ekzamen tabşyrdym, Hudaýa şükür, ekzamenden üstünlikli geçdim. Robot tehnologiýasy toparyna girmek meniň üçin biraz kynrak boldy, sebäbi bu, owgan medeniýetine doly çapraz ugur. Maşgalamy muňa razy etmek gerekdi. Ejem öý hojalykçy. Kakamyň aýal doganlarynyň biri lukman, biri hünärmen. Daýzalarymyň diňe biri lukman, galanlary mugallym. Ýakyn hossarlarymdaky aýal-gyzlaryň barsy her edip-hesip edip okuwlaryny okap, saýlap alan kärlerinde işlemegiň hötdesinden geldiler.
Topara ilki gelip goşulanymda programmirleme dillerinden bilýän zadym ýokdy, emma häzir Java we Python ýaly birnäçe programmirleme dillerini bilýärin. Tejribäm artdy we robot tehnologiýasy toparynyň kapitany boldum. Toparymyzdaky ähli gyzlaryň 18 ýaşdan aşakda bolmagy bizde çäksiz buýsanç duýgusyny döredýär.
Toparymyz daşary ýurtlara gidip ýaryşlara gatnaşanda biziňki ýaly toparlaryň we laboratoriýalaryň köpdügini gördüm. Bu meniň üçin täsin ýagdaýdy. "Käşgä, biziň Owganystanymyzda-da şoňa meňzeş guramaçylykly toparlar we laboratoriýalar bolsady, şeýdip bizem öz robotlarymyzyň üstünde has gowy işläbilsedik…" diýip oýlandym. Mümkinçiligim bolsa ýa-da Owganystanyň ýagdaýy häzirki bolşundan has beter ýaramazlaşsa, wagtlaýyn başga ýurda gidip STEM we emeli aň tehnologiýasy boýunça has köp zatlary öwrenmekçi we öz gezegimde bilýänlerimi ýaşlara öwretmekçi.

- **Aýda, 17 ýaşynda:**

Kompýuter ylmy, robot tehnologiýasy we onuň bilen işlemek boýunça merkeziň bardygyny ilki eşdenimde, oňa girmek üçin epeý höweslendim, sebäbi şol wagtlar Hyratda bular ýaly ugurdan okadýan başga ýer ýokdy. Maşgalamdaky aýal-gyzlaryň köpüsi okuwly. Ejem fizika mugallymy, agalarymyň biri kompýuter mugallymy, bir daýzam hukuk ugrundan okady. Daýzalarymyň üçüsi medisina ugrundan okaýar we lukman, beýleki iki daýzamam kompýuter ugrundan okaýar. Hemmesi ylymly-bilimli bolansoň, maşgalamy razy etmek kyn düşmedi we olar dürli-dürli ugurlardan bilim alanymyzy gowy görýärler.
Robot tehnologiýasy toparyna goşulanymdan bäri iki ýylyň içinde ýazuw düzgünini, oýun oýnamagy we dürli programmirleme dillerini öwrendim. Interneti ulanmagymyzyň maksady-da has köp zatlary öwrenmek, üýtgeşiklik etmek, başgalara kömek etmek, deň-duşlarymyz bilen bileleşip problemalary çözmek, bilim derejämizi artdyrmak we ukyp-başarnyklarymyzy görkezmek. Başga gyzlary-da höweslendirmek üçin gazanan üstünligimizi başgalara-da görkezmäge jan edýäris.
Adamlar Owganystany uruşyň, bomba partlamalarynyň we jenaýatlaryň bolýan ýurdy diýip göz öňüne getirýär. Özümizi howatyra, gorka düşürmejek bolmaly we hemişe oňaýsyz zatlary ýadymyza salmajak bolmaly. Owganystanyň geçmiş taryhynyň ajy sapaklarynyň dolanyp gelme ähtimallygyndan we aýal-gyzlaryň arzuw-umytlaryna gowşup bilmezliginden ýaňa bizi ünjä goýýan gorky inimizden aýrylyp gidiberenok. Men ol gorkyny özümden aýyrmaga we ony ýadyma salmazlyga jan edýärin hem-de bar ünsümi öňümde goýan maksadymy amala aşyrmaga berýärin.

Çagla TAŇRYWERDI. Ylym we tehnologiýa